# Zakguntäç

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Zakguntäç ZAKGUNTÄÇ

*(Dünýäni sarsdyran we koronawirus keseli sebäpli ölen bigünäleriñ ýagty ýadygärligine)*

Işe geldim bu gün
Otyryn ynha,
Ýürekgysgynç
dört diwaryñ içinde,
Haçandan bäri men,
Goşgy ýazmandym,
Ýöne şu gün derdim ýazmaly boldum,
Öz ykbalym hakda nalap ýörmegi,
Halamadym, hiç söýmedim, ýazmadym,
Ykbalymdan närazy ýerimem ýok…
Dünýäñ galmagaly içim gowurýar
Teşwiş salyp içim oda sowurýar
Onsoñ paş edýärin men zalymlary
Wah ýagşy däl birehim alymlary,
Olar bolsa beter oýunlar gurup,
Ýaýradýarlar halk içinde matamy,
Döredýärler zakguntäjiñ oýnuny,
Ýokarda ketdeler heşelle kakýar,
Aşakda bigünä pida derýada,
Derýany boýlaýar, çogýar daşyna…
Awy gatyp millionlaryñ aşyna,
Hiç rehim galmandyr bu adamlarda,
Bihabar millýardlap ynsanlar hassa
Ýa-da ölýär gidýär adam sany-da,
Alla şaýat bir gün bu ýamanlygyñyz!
Erte magşar diwanynda soralar,
Şonda çekersiñiz elleriñizde,
Bu betpygyl gara zalym netiñiz..

Elleriñiz bilen çolaşarsyñyz…
Agyr geler bu günäniñ agramy
Misli ýükün çekip bilmez eşek deý,
Surnugyp jan çykaryny dilärsiñ!
Sizi Alla tabşyrýandyr millionlar,
Bu dünýäde ediñ keýpden çykyñ siz,
Gargyşyñ astyndan çykarmykañyz!?
Gadymy dünýäni
Sil edip çaýkan
Adamlaryñ ganyn,
Ummana çaýkan,
Şol betpygyl şeýtan siziñ kakañyz,
Baryñ üýşüñ şärik boluñ daşyna!
Tañry bardyr million bigünäleriñ,
Hakyn sizden alyp berer magşarda,
Gizlin ýatan lal dillerem saýraýar,
Ýok ol dil öñlerem saýrap durýardy,
Jandan çykjak bolup towsun atýardy,
Ýöne öz derdime ýanmaga derek,
Dünýäñ derdi başa salýar galmagal,
Tañrym halas eýle,
Zakguntäçlerden,
Haramdan,
Zalymdan,
Bet niýetliden,
Hassalara şypa bergin ýalbarýan,
Ýa »El Şafy» gutly adyñ haky üçin,
Şoñ şanyna bu dünýäni ýaratdyñ,
Pygamberiñ Muhammediñ haky üçin.
Dünýäni sen halas eýle, halas et.
Halas edip meñ derdimem ýeñil et,
Bolmasa basyp dur asmandan dertler,
Bir ýanymda günälermiñ agramy,
Bir ýanymda bergilermiñ hasraty,
Içim ýyrtyp, para-para edip dur,
Million bigünäleñ ahy-nalasy!

20.03.2020.

Çarymuhammet SUGTYÝEW. Goşgular